# Görmäýin ynjylar eje

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Görmäýin ynjylar eje GÖRMÄÝIN YNJYLAR EJE

Götergiläp sen boýnuñda,
Ýetişdirip gül goýnuñda.
Señ menden doly göwnüñde,
Görmäýin ynjylar eje.

Bilýän, men ömrüñ dowamy,
Ýylgyrşyñ bagta güwämi!?
Ýylgyr, bolmaýyn günäli,
Dökmegñe hünjiler eje.

Dünýälere deñ görýänim,
Men sebäpli eý, girýanym,
Gözleriñde nem görmäýin,
Ol bagra sanjylar eje.

Öwse meni il-gün mydam,
Bolmasam ýal-ýagsy nadan,
Bolsam isleýşiñçe adam,
Señ göwnüñ ynjalar eje.

Unut gaýgy-ünjülerñi,
Kalba salan sanjylarñy,
Belki, çeken ynjylarñy,
Ödär, señ Sanjaryñ eje.

Sanjar ANNAGYLYJOW. Goşgular